# Aga-inisiz agy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Aga-inisiz agy AGA-INISIZ AGY



Ençe uýa dogandylar,
Aga-inisizdi bular.
Oglan jigi höwes edip,
Delmuryp, gözlerin ezip,
Kemsinip gezip,
Ahyrynda ulaldylar.
Bu günem ene boldular.

Ine, uýalaň biriniň,
Howlusynda toý-tomaşa.
Gyzyn çykarýar durmuşa.
Gelnalyja ýol açyldy,
Gyza-da kürte atyldy.

Sesi geldi beýemçiniň:
“Bu-da daýysynyň paýy,
Daýy donun alsyn daýy!”
Ah, toýy toýlanýan gyzyň,
Daýysyz-a şor maňlaýy.

Öňden gözi ýaşly ene,
Saklanyp bilmedi, ýene.
Öz gardaşsyz ösenligne,
Çagaň kemsinenligine,
Günäsiz ýere özüni,
Günäkär duýup, hamsygyp,
Birden damagy dykyldy,
Alma ýaly gözlerinden,
Boýur-boýur ýaş döküldi.

2024 y. Goşgular